# MEKDEP OKUWÇYLARYNYŇ INTERNET OLIMPIADASY

Ýakynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň bilelikdäki tagallalary bilen takyk ugurlara ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdepleriň 10-njy hem-de 11-nji synp okuwçylarynyň arasynda II matematika we fizika internet olimpiadasy geçirildi. Bu möhüm çärä okuwçylaryň 350-ä golaýy gatnaşdy.

Bu bäsleşik “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny” hem-de “Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa geçirmegiň Meýilnamalaryny ýerine ýetirmek, bilim ulgamyna innowasiýalary ornaşdyrmak, zehinli okuwçylary ýüze çykarmak maksat bilen guraldy.

Okuwçylara ady agzalan dersleriň okuw maksatnamalary boýunça meseleler hödürlendi, olary çözmek üçin 180 minut wagt berildi. Olimpiadanyň netijeleri boýunça Mary welaýatynyň okuwçylary 28 orun (jemi 51 bal), Lebap welaýatynyň okuwçylary 26 orun (jemi 49 bal),  Aşgabat şäheriniň okuwçylary 21 orun (jemi 30 bal), Ahal welaýatynyň okuwçylary 11 orun (jemi 19 bal), Balkan welaýatynyň okuwçylary 11 orun (jemi 13 bal), Daşoguz welaýatynyň okuwçylary bolsa 4 orun (jemi 6 bal) eýelediler.

***“Bilim” žurnaly.***

Все права защищены